# Dünýäniñ we adamzadyñ soñy nähili bolarka?

Category: Geň-taňsy wakalar,Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dünýäniñ we adamzadyñ soñy nähili bolarka?

DÜNÝÄNIÑ WE ADAMZADYÑ SOÑY NÄHILI BOLARKA?

*Eý ýaranlar, musulmanlar,*
*Bir gün ahyrzaman geler.*
*(Magtymgyly Pyragy, "Ahyrzaman geler").*

Soñky ýyllarda dünýäniñ ekologik deñagramlylygynyñ düýpgöter üýtgemegi sebäpli, barha ýowuzlaşýan howa şertleri, ozon gatlagynyñ ýyrtygynyñ ulalmagy we güýçli ýer titremeler bize üstünde ýaşap ýören gojaman saýýaramyza näderejede eserdeñ we aýawly seretmelidigini görnetin görkezip dur.
Günde-günaşa diýen ýaly teleýaýlymlarda berilýän habarlarda saýýaramyza howp abandyrýan her dürli tebigy heläkçilikler barada görüp we eşdip durus.
Howanyñ aşa hapalanmagy, ýerden yrsgal-bereketiñ göterilmegi we ýitip-ýok bolup barýan ösümlikdir janly-jandarlar, ýadro ýaraglanşygy, dünýäni ýok etjek meteoritler we megakatastrofalar hakynda duýdura-duýdura alymlaryñ dilinden tüý çykan bolsa gerek…

■ Ýadro urşy

*Köp döküler nähak ganlar,*
*Iliñ päli ýaman bolar.*
*(Magtymguly Pyragy, "Ahyrzaman bolar").*

Dünýäde 23 müñden gowrak ýadro ýaragynyñ bardygyny aýdýan hünärmenleriñ pikirine görä, 1977-nji ýylda ABŞ-nyñ Goranmak ministrligi eger-de ABŞ bilen SSSR-iñ arasynda ýadro urşy turaýsa, 265 million adamyñ öljegini hasap edipdi…

■ Meteorit howpy

*Çoh närseler geler-geçer gözüme,*
*Bu dünýäni bet-bet kär harap eýlär.*
*(Magtymguly Pyragy, "Harap eýlär").*

Bir kilometr ululykdaky meteorit adamzat üçin uly howp döretmäge ýeterlik, 3-10 km-lik meteorit bolsa tutuş adamzady ýok etmäge ýeterlikdigi aýdylýar. Emma soňky 100 million ýyla seredilende, 1 km ululykdaky meteorit her 500 müň ýyldan bir gezek Ýer togalagyna düşýär. Bütin dünýäni sarsdyran iň uly meteorit bolsa mundan 65 million ýyl öň Ýere düşüpdir we dinozawrlaryň ýok bolmagyna sebäp bolupdyr.
Alymlaryň aýtmagyna görä, ulu agramly meteoritiň urgusy birgiden heläkçilikleri döredip biler. 1908-nji ýylyň 30-njy iýunynda Russiýanyň Krasnoýar ülkesiniň Tunguska diýen ýerine düşen meteoriti muňa mysal hökmünde getiren hünärmenler, şulat ýaly ululykdaky meteoritleriň dine her million ýylda iki gezek Ýer togalagyna gelip urulýandygyny aýdýarlar. Tunguska hadysasynda Ýaponiýanyň Hirosima şäherinde amerikanlaryň partladan atom bombasyndan 1000 esse güýçli meteorit partlamasy bolup geçipdir.
Ýer togalagyna uly meteoritiň gelip urlan ýagdaýynda dünýäni bir uly tozan gaplap almaly, Gün birnäçe aýlap görünmeli däl, uly ýangynlar döremeli, kislota ýagyşlary ýagmaly, ýeriň ösümlik örtügi weýran bolmaly, ýaşaýşyň dowamlylygyny üpjün edýän zerur önümler gytlyk etmeli. Diňe iň çydamly jandarlaryň diri galyp bilmegi mümkin. Şular ýaly zäherli ýagyşlaryň ýagyp, atmosferanyň öňüni tozan gaplajakdygy, ýangynlaryň dörejekdigi hakyndaky ylmy çaklamalar beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň kyýamat senariýaly goşgularynda hem duş gelýär:

*Bir ulug ot çykar Ýemen şährinden,*
*Hasu a:m, barçany sorsa gerekdir.*
*("Artsa gerekdir").*

*Kyrk gün ýagmyr ýagar, Aý, Gün görünmez,*

*Howanyñ ýüzünden duman aýrylmaz,*
*Suw çekiler, jahan guryr, nem bolmaz,*
*Kyrk ýyl şeýle bolup dursa gerekdir.*
*("Artsa gerekdir").*

Ýa bolmasa:

*Giýalar gurap hem derýalar kepär…*
*("Barsa gerekdir").*

*Jahan guryp, närse galmaz iýmäge,*
*Bir-biriniñ ganyn sorsa gerekdir.*
*("Barsa gerekdir").*

Başga bir goşgusynda:

*Ýagmyrlar ýagar, ýaz bolmaz,*
*Bir gün bady-hazan bolar.*
*("Ahyrzaman bolar").*

Ýene bir goşgusynda:

*Derýalar gurarlar, suwlar çekiler,*
*Aý, Gün hem tutular, ýyldyz döküler,*
*Beýik daglar erär, ýer, gök ýykylar…*
*("Dursa gerekdir").*

*Kyrk gün ýagmyr ýagar, ýer-gök bilinmez,*
*Ýañydan gögerip galsa gerekdir.*
*("Dursa gerekdir").*

Kontinentara derejesinde üýtgeşmä uçradan iñ soñky meteorit urulmasy mundan 65 million ýyl öñ bolup geçipdir. Bu heläkçilikde atmosferanyñ ýüzüni tutan galyñ gaz we tozan Günüñ ýylylyk beriji täsirininiñ birnäçe aýlap, belki-de birnäçe ýyllap bütinleý kesilmegine hem-de materiklerde gysga wagtda uly üýtgeşmeleriñ bolmagyna getiripdir. Aýylganç katastrofa ilkinji nobatda dinozawrlaryñ, soñra ýerde-suwda ýaşaýan janly-jandarlaryñ ep-esli bölegini ýok edipdir.
Ýere gelip uruljak uly meteoritiñ "ýadro gyşy" diýilýän global

derejedäki kontinentara üýtgeşmä edip biljek täsiri boýunça hem ylmy hasaplamalar edilýär. Hasaplamalar 10 müñ megaton agramlykdaky TNT-niñ partlamagyna barabar güýçdäki haýsydyr bir partlamanyñ birgiden tebigy heläkçilikleri döredip biljekdigini görkezýär. Bular ýaly gorkunç waka ýüze çykaýsa dagy, adamzadyñ 25%-i heläk bolup biler we siwilizasiýanyñ täzeden gurulmagy birnäçe asyra çeker…

■ Yklymara heläkçilikler

*Bir gün zaýa eýlär asman, zemini,*
*Derýalar gark eder suwda gämini…*
*(Magtymguly Pyragy "Öýler görer sen").*

Dünýäniñ soñuna degişli iñ gorkunç senariýalaryñ biri Halkara Klimat üýtgeşmeleri boýunça ekspertler toparynyñ (Межправительственная группа экспертов по изменению климата) arasynda ara alnyp maslahatlaşyldy. Olar Ýer togalagynyñ üstümizdäki XXI asyryñ ahyryna çenli 4-5 gradus gyzmagy bilen bilen birlikde deñiz derejesiniñ ýarym metre çenli galjakdygyny, dünýäniñ iñ uly şäherlerini, birnäçe kenarýaka ilatly punktlary suw basjakdygyny aýdýar.

■ Köpçülikleýin keseller

*Sarahsy mergi bozar, Merwi rik basar…*
*(Magtymguly Pyragy, "Harap eýlär")*

Birnäçe asyrlap adamzadyñ gorkuly düýşüne öwrülen lepra (iýiji kesel), ispan dümewi we häzirki döwürde-de aram-aram özüni görkezýän doñuz dümewi sebäpli dörejek epidemiýanyñ adamzadyñ soñuna sogan ekjeginden döreýän howsala aýrylyp gidiberenok. Soñky döwürde AIDS, SARS we guş dümewi hem az howp salanok.
Alymlar klimat üýtgeşmesiniñ we ekologik şertleriñ bozulmagynyñ täsiri netijesinde täze wiruslaryñ döräp biljekdigini hem-de döwrümiziñ ykjam aragatnaşyk mümkinçilikleriniñ üsti bilen ummasyz giñişlige çalt ýaýrap biljekdigini aýdýarlar.
Başga bir uly howp bolsa, dörejek wirusyñ guş dümewi ýaly

kesellerde görnüşini üýtgedip adamdan adama geçer ýaly ýagdaýa gelmegi we onuň garşysyna emi tapylýança birgiden pidalara getirmegidir.
Häzir adamzat jemgyýetçiligi undanam bolsa, dünýäniň dürli künjünde gurlan laboratoriýalarynda ylmy maksatly nusgalary saklanýan, hatda ylmy barlaglar üçin laboratoriýalaryň arasynda gezim etdirilen köne we ölüm howply wirusyň seresapsyzlyk ýa-da terorrorçylykly maskat bilen ýer ýüzüne ýaýradylmagy hem üns merkezinden düşenok.
Başga bir senariýada bolsa, Taýlandiýada ýüze çykan guş dümewiniň çaltlyk bilen dünýä ýaýrajakdygy we bu gorkunç dümewiň H5N1 wirusynyň 360 milliona golaý adamyň ölmegine sebäp boljakdygy aýdylýar.
Geçirilen soňky barlaglar buzluklaryň gadymy döwürlerden galan wirus owuntyklaryny saklaýandygyny we howanyň maýlamagy bilen buzluklar eränden şol wiruslary hem ýer ýüzüne ýaýradyp biljekdigini görkezdi.

■ Gipernowa we nämälim senariýalar

*Her sap yns, jynga ýetmiş müň hyssa,*
*Alyp gelip, ýer ýüzünde çökerler.*
*(Magtymguly Pyragy, "Rysman dakarlar").*

Dürli teoriýalaryň arasynda oýanmaga başlan wulkanlaryň dünýäniň klimatyny üýtgetmegi, haýsydyr bir ýyldyzdan ýaýylan gamma şöhlesiniň atmosfera gatlagynda howply radiasiýa döretmegi ýaly tebigy ähtimallyklaryň yzysüre, oýlanyp tapylýan täze tehnologiýalaryň çygyrdan çykmagy ýaly adamyň öz elinden ýüze çykjak sebäplerem bar. Kosmosdan abanaýjak ýene bir megakatastrofa hem gipernowadyr. Alymlar "kosmosda müňlerçe ýagtylyk ýyly mundan öň partlan haýsydyr bir ýyldyzyň ýaýradan gamma şöhleleri garaşylman durka gelip dünýäni urup biler" diýýär.
ABŞ-nyň Kanzas uniwersitetinden Adrian Melottyň aýtmagyna görä, şol şöhleleriň bary-ýogy 10 sekunt Ýer togalagyna inmegi ozon gatlagynyň ýarsynyň birnäçe hepdäniň dowamunda ýok bolmagy üçin ýeterlik. Munuň özi, galyň ultrafioletiki

şöhlelerine uçrajak gojaman planetamyzyñ ähli janly-jandarlarynyñ ýok bolmagy diýmekdir.
Başga bir senariýada Ýeriñ magnit nokatlarynyñ tersine öwrülmegi netijesinde dünýä derejesinde tebigy heläkçilikleriñ dörejekdigi çaklanylýar. Magnit meýdanynyñ gurşawynda emele gelen üýtgeşmeler agramly kosmos jisimleriniñ atmosfera ilteşmegini döreder. Bu gorkunç ýagdaý bolsa ýer ýüzüne inýän zyýanly şöhläniñ barha artmagyna sebäp bolar. Eger bu ýagdaý atmosferada ozon gatlagynyñ bozulmagyna getirse, ultrafiolet şöhleleriñ Ýer togalagyna inmegi gutulgysyzdyr. Munuñ iñ gorkunç tarapy bolsa, çendenaşa radiasiýanyñ rak we genotip üýtgeşmeleri döretjegidir.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

@ Kitapçylar.

Geň-taňsy wakalar